# Köp partnýorly gatnaşyklar nämüçin ýörgünli bolmaga başlady?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köp partnýorly gatnaşyklar nämüçin ýörgünli bolmaga başlady?
KÖP PARTNÝORLY GATNAŞYKLAR NÄMÜÇIN ÝÖRGÜNLI BOLMAGA BAŞLADY?



*«Jennetde size köp ýoldaşlylyk mümkinçiligini berseler, näme jogap bererdiñiz?»*
ABŞ-da täze başlan ýassykdaş tapyp berýän «Couple to Throuple» gepleşiginde dört aýry jübüt «fantaziýalaryny hakykata öwürmek üçin» tropiki adada ýerleşen otele äkidilýär.
Bu jübütleriñ maksady özlerine garaşýan 15 sany sallahdan birini gatnaşyklaryna çagyryp, üçtaraplaýyn gatnaşygyñ üstünden köp partnýorly ýaşaýyş-durmuş formasynyñ özlerine amatly tarapynyñ bardygyny-ýokdugyny synag edip görmek.
Ýaryşyñ alypbaryjysy Skott Ewans çägelikde wideokameralara seredip ýylgyrjaklap duran jübütlere «Bäri bu soraga jogap

tapyp boljak ygtybarly ýer» diýýär.
Birküç sagadyñ içinde hemmesi düşeklerine üçünji adamy alýarlar (elbetde, gijeki wideokameralaryñ astynda).
***Soñkusy gün irden çak edilşi ýaly hemme zat bulaşýar. Çekeleşmeler, puşmanlyklar we her dürli geñsi ýagdaýlar ekrana gelýär.***



*Bu telegepleşikde jübütler gatnaşyklaryna üçünji adamy goşmagyñ nähilidigini bilýärler*
ABŞ-nyñ «Peacock» platformasynda berilýän «Couple to Throuple» telegepleşiginde täzelikler baram bolsa, köp ýoldaşlylygy çynlakaý we inçelik bilen öwrenýän gepleşik däl. Ol başyndan ahyryna çenli dramalar bilen doly.
Şeýle-de bolsa, köp kişi bilen söýgi gatnaşyklaryny saklamagy (poliamoriýa) ýa-da has giñişleýin aýdylyşy ýaly, etiki köp ýoldaşlylygy esasy ugra alyp alyp barýan iñ aktual programma bolmagy bilen ünsi çekýär.
Etiki köp ýoldaşlylyk taraplaryñ başgalar bilen gatnaşykda bolup bilýän ähli gatnaşyklary üçin ulanylýan esasy adalga.
Mysal üçin, jübütleriñ romantiki taýdan ýeke ýoldaşly bolup, jynsy taýdan köp ýoldaşly bolan açyk maşgala durmuşlary-da etiki köp ýoldaşlylygyñ kesgitlemesi girýär.

Köp söýgülilik bolsa şahslaryñ birden köp adam bilen romantiki gatnaşyklary başdan geçiren ýagdaýynda ulanylýan adalga.
Soñky hepdelerde etiki köp ýoldaşlylyk has köp agzalyp başlandy.
Nýu Ýorkuñ **«New York Magazine»** žurnalynyñ ýanwar aýyndaky sanynyñ sahabynda köp söýgülilik bardy.
Žurnal bular ýaly gatnaşyk görnüşiniñ esasy akym bolmaga ýakynlaşjak derejede giñden ýaýrandygyny habar berýär.
Gatnaşyklaryñ üstünde durup geçmek üçin giñişleýin gollanma taýýarlan žurnal polikul (köp ýoldaşly gatnaşyklardaky adamlaryñ partnýorlary, partnýorlaryñ beýleki partnýorlary we olaryñam partnýorlaryny öz içine alýan tor) bilenem gürrüñdeşlik geçirdi.




Şeýle-de bir döwürde Molli Roden Uonteriñ täze kitaby **«Has köpi. Açyk maşgala är-aýallyk ýatlamasy»** («More: A Memoir of Open Marraige») satuwa çykdy.
Elli bir ýaşly öñki mugallym 2008-nji ýyldan bäri äri bilen çykan açyk är-aýallyk turnirini gürrüñ berýär.
Kitap çap edilenden bäri gyzgyn seslenme tapdy we bu birgiden

makala ýazyldy.
«New Yorker Magazine» žurnalynda çap edilen ylmy işiñ ady hem: «Köp söýgülilik nädip beýle ýörgünli boldy?»
Köp söýgülilik, açyk gatnaşyklar, erkin söýgi we başgalar bilen gatnaşyga girmäge rugsay berilýän gatnaşyklar… Adyna näme goýsañyz şony goýuñ, etiki köp ýoldaşlylyk täze çykan zat däl…
Köp söýgülilik adalgasy togsanynjy ýyllarda orta çykan bolsa, köp ýoldaşly gatnaşyklaryñ ýüzlerçe ýyllyk taryhy bar.




1997-nji ýylda çap edilen **«Küntiniñ etikasy»** («Ethical Slut») köp ýoldaşlylygyñ «mukaddes gollanmasy» hasaplanýar.
Bu kitapdan on, hatda ýigrimi ýyl soñam bu tema jemgyýetde o

diýen üns berilýän tema däldi. Emma soňky döwürde ýagdaý üýtgeýär.
Ester Perel ýaly meşhur seksopatolog terapistlerem köp ýoldaşlylygyň jemgyýetçiligiň ünsüne düşmegine goşant goşdy.
Ekranlarda kinofilmleriň we teleseriallaryň tradision jynsy gatnaşyk hillerinden has daşdaky gatnaşyk hillerini görkezýändigine tomaşa edýäris.




Geçen ýylky «Passaž» kinofilminde gomoseksual är-aýaldan biriniň baga bir aýal bilen geteroseksual gatnaşyk saklaýşy gürrüň berilýär.
Zendeýanyň baş rolda oýnaýan, Luka Guadaninonyň şu ýyl görkezilmeli «Challengers» («Претенденты») kinofilminiň fragmentine hem üçtaraplaýyn (seksual) gatnaşygyň üstünde

durulýandygy görülýär.




- **Geldi-geçer nysak däl**

Köp söýgüliligiň «nysakdygyny» aýdýanlara nägilelik bildirýänlerem bar.

«Has köpi» kitabynyň awtory Uinter Brukliniň baý raýonlarynyň birinde ýaşaýar. «New Ýorker Magazine» žurnalynda çykan makalanyňam täsiri bilen köp söýgüliligiň häzirki şäherli ýaşaýjylaryň täze ýaşaýyş-durmuş formasydygyny aýdýan tankydy bellikler bar.

**«The Atlantic»**-e ýazan Taýler Ostin Harper “Maşgala strukturasyndan iň köp peýda gören gatlak indem ýeke ýoldaşlylygy möwriti geçen we içgysgynç hasaplaýar» diýýär.

Statistiki görkezijiler bolsa açyk gatnaşyk pikiriniň ýaýrap barýandygyny görkezýär.

«Pew Research» ylmy-barlag merkezine görä, ABŞ-daky otuz ýaşdan aşak kämillik ýaşyna ýetenleeiň 51%-i açyk ýoldaşlylygy oňlaýana meňzeýär.

«YouGov» pikir soralşyk şereketi amerikanlaryñ üçden biriniñ ideal gatnaşyk kesgitlemesiniñ berk ýeke ýoldaşlylykdan başga zatdygyny orta goýupdy.



**• «TikTok»-yñ täsiri**

Seks we ýakyn gatnaşyklar boýunça terapist Rhian Kiwits “Soñky birnäçe ýylda köp söýgülilige açyk ýa-da muny synap görmek isleýän adamlaryñ sanynyñ artýandygyny görýärin» diýýär we sözüniñ üstüne şulary goşýar:

«Käbirleri maşgalalydygyny açmak isleýän jübütler, käbirleri gatnaşyklaryny açmak isleýän söýgüliler, käbirleri-de, köp ýoldaşlylygyñ öz durmuşlaryna nähili täsir etjekdigini we bu pikire nämüçin gelendiklerini gürrüñ bermäge synanyşýan sallahlar».

Beýleki bir ýandan Kiwits köp söýgülilik bilen gyzyklanyp gürrüñdeş bolanlarynyñ aglabasynyñ kyrk ýaşdan aşakdadygyny aýdýar.

Sosial mediýanyñ, aýratynam TikTok-yñ ýaşlara etiki köp ýoldaşlylyk tejribelerini paýlaşma mümkinçiligini berendigini

aýdýar:
«Bu sosial mediýada paýlaşylýan bloglar köp ýoldaşlylygy adatylaşdyrmaga we töweregindäki syry aradan aýyrmaga ýardam etdi. Şeýle-de, örän köp adama bular ýaly bloglar elýeterlidigi üçin bu pikir has köp oňlanýar.
Şeýlelik bilen köp söýgüliligiň diňe seksden we ýoldaşyňy üýtgetmekden ybaratdygy baradaky ýalňyş duýmalary-da (восприятие) ýykýarlar. Çünki köp aýallylyk gatnaşykda bolmak we gatnaşyk saklamakdyr».
**«Feeld»** ýaly ýanýoldaş tapyp berýän programmalary-da köp ýoldaşlylygyň mazasyny bilmegi aňsatlaşdyrýar.
Jübüt terapisti, podkast alypbaryjysy we ýakynda çap edilmeli **«Nähili adatdan daşary gatnaşyklary başdan geçirip bilersiňiz?»** («How to Have Extraordinary Relationships») kitabynyň awtory Lýusi Kawendiş jemgyýetdäki bu üýtgeşmäniň ýaş nesilleriň öňbaşçylygynda bolup geçendigini aýdýar:
«Maňa geňeş salmaga gelenleriň araaynda ýaşlar, 20-30 ýaşlarynyň başyndaky jübütler köp söýgülilik pikirine doly ilgezik we käbirleri köp ýoldaşly gatnaşyklary başdan geçirýär».




Beýleki bir ýandan sekse az gyzykýan gartaşan jübütleriñem är-aýallyklaryny açmaga gyzyklanýandygyny aýdýar:
«Garrylaryň arasynda-da «Etiki köp ýoldaşlylyk pikirini etdiñizmi?» soragyma hawa jogabyny berenleriň sany on ýyl öňkä garanda has köp».
Şol sebäpden populýar medeniýetiň öwrülişigi başdan geçirýän gatnaşyk hillerini suratlandyrmak üçin tagalla edýändigine geň galyp oturasy zat ýok. Emma muny hemişe dogry görnüşde edýändiklerini aýdyp bolmaýar.
Ýoldaş tapyp berýän «Couple to Throuple» gepleşigine edilen iň uly belliklerin birem, onuň köp ýoldaşlylygyň örän dar wersiýasyny görkezýändigi.
Gepleşigiň şahsy taýdan köp ýoldaşly bolmagy isleýänleri däl-de, gatnaşyklaryna üçünji adamy goşup, üçtaraplaýyn gatnaşyk etmek isleýänleri görkezýär, bulam bu toparyň köp ýoldaşlylaryň atasundaky kiçijik toparyny düzýär.
Hasam beteri jübütleriň birinden başga hemmesi (azyndan heniz

efire goýberilmesik üç bölüminiñ dowamynda) bir aýaldan we bir erkekden ybarat, bile bolmak üçinem biseksual zenan gözleýän jübütlerden düzülen.
Gepleşikdäki sallahlaryñ köpüsiniñ köp söýgülilik tejribesi bar we muny hakykatdanam barlap göresleri gelýär. Jübütler bolsa muny diñe synaýana meñzeýär.



Köp ýoldaşly gatnaşyklar boýunça suratlandyrmalaryñ köp ýoldaşlylar tarapyndan tankyt edilmegi täzelik däl.
**«Riverdale»** teleserialynyñ geçen ýylky sezonynda hereket edýän dört baş gahryman dörttaraply romantiki gatnaşyk bilen başlapdylar.
Köp söýgülilik we etiki köp ýoldaşlylyk guramasynyñ (OPEN) Ýerine ýetiriji komitetiniñ başlygy Brett Çemberlen:
– “Riverdale» serialynda obrazlaryñ köp ýoldaşly gatnaşygy köp ýoldaşlylygy adamlaryñ şahsy aýratynlygynyñ bir bölegi hökmünde çuñlaşdyryp beýan etmegiñ ýerine diñe senaride tomaşaçylary añk etmek üçin taýýarlanan täzelige meñzeýär – diýýär.
Telewizion we serial sektorlarynyñ köp ýoldaşly gatnaşyklary has gowy görnüşde suratlandyrmak üçin entek kän çorba sowatmalydygyna garamazdan, Lýusi Kawendiş köp ýoldaşlylyk

hemmelere görä oñlanyljak zat bolmasa-da, ýeke ýoldaşlylygyñ derñew astyna almagyñ özüniñ aýratyn peýdasynyñ bardygyny aýdýar.
«Bu özüñizi nähili howpsuz duýýandygyñyz bilen baglanyşykly» diýen Kawendiş sözlerini şeýle jemledi:
«Köp adam muny agzamagy-da halamaýar, çünki söýýän adamlarynyñ olary taşlamagyndan gorkýar we beýinlerimiz munuñ öñüni alasy gelýär. Emma gatnaşyklar we seks hakynda pikir alyşýan temalarymyzy giñeptmek hemişe peýdalydyr».
Klara TROP.

«BBC Culture», 09.03.2024 ý. Publisistika